# Hereketli ýyllaryñ yzynda… / esse

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Hereketli ýyllaryñ yzynda… / esse HEREKETLI ÝYLLARYÑ YZYNDA…

Her Täze ýylyñ ilkinji sagatlary tutuş adamzada şatlyk-şagalañ, gülki, toý-baýram getirýär. Adamlar naz-nygmatdan ýüki ýeten saçagyñ başynda birsellem dünýäniñ ähli goh-galmagalydyr durmuşyñ gaýgy-aladasyny unudýar. Güzeran gaýgysy zerarly biri-birinden daşlaşyp barýan dogan-garyndaşlar, dost-ýarlar gaýtadan bir supranyñ başyna jemlenerler, iñ bolmanda öñünden iñ gowy sözlerden saýlanyp düzülen arzuw-dilegler bilen bile «Ýetip gelen Täze ýylyñ gutly bolsun!» diýip jañlaşarlar ýa-da sms ýazyşarlar.
Goşa ýigrimiligi yzyna tirkäp gelen 2020-nji ýylyñ Täze ýyly öñkülerden has täsin garşylandy, garaşylmadyk üýtgeşikliklere baý boldy. Mysal üçin, dini taýdan hiç hili baglanyşygynyñ ýokdugy sebäpli Täze ýyl gününi dünýäniñ beýleki ýurtlary ýaly resmi ýagdaýda garşylamaýan Saud Arabystany ýaly dini režimli döwletlerde hem Täze ýyly şatlykly garşyladylar. Hiç kim Saud Arabystanyñ paýtagty Er-Ryýadyñ asmanynda 31-nji dekabrdan 1-nji ýanwara geçilen gijäniñ sepgidinde salýut atylanyny görerin öýdüp, ýatsa-tursa oýuna getiren däl bolsa gerek.
Diýmek, umumyadamzat gymmatlygyna öwrülen her bir oñyn iş – dinleriñ öz aralaryna ören diwaryndanam, döwletleriñ daşyna aýlanan tikenekli simlerdenem we başga-başga gadagançylyklardam rüstem gelýändigini ýene bir gezek Adam ata bilen How eneden ösüp-örñän dünýä halklaryna subut etdi.
Şu ýerde «dinleriñ öz aralaryna ören diwary» diýen sözümize ýalñyş düşünmeleriñ bolmazlygy üçin Täze ýyl we yslam hakynda iki agyz durup geçmek isleýäris.
Aýaz baba we Täze ýylyñ döreýşi barada-ha öñ bir söhbetimizde aýdyp geçipdik. Şonuñ üçin bu barada tekrarlap oturmagyñ hajaty ýok hasap edýäris. Ýañy sözümiziñ bir ýerinde «dini

taýdan hiç hili baglanyşygy ýokdugy sebäpli» diýen jümläni ulanypdyk. Bu dogry. Täze ýyl hakynda yslamda kelam agyz söz geçenok. Emma bu yslamda Täze ýyl baýramçylygynyň ornunyň ýokdugyny-da aňlatmaýar. Kalby ýagşy niýet-pällerden doly hiç bir mömin-musulman umumyadamzat gymmatlygyna öwrülen bu şatlykly güni belleýänlere bir çete çekilip ýigrenç bilen garamasa gerek.

Dek ýaňy teleýaýlymlaryň birinde köpmanyly ýylgyrmagyma sebäp bolan habarlaryň birini diňledim: Mälim bolşy ýaly, Eýran hem Täze ýyl gününi resmi ýagdaýda garşylamaýan dini döwletleriň biri. Muňa garamazdan eýranly raýatlaryň 10 müňden gowragy Türkiýäniň Eýrana golaý Wan şäherine gelip Täze ýyl gününi belländikleri habar berilýär. Diňe şunuň özem haýsydyr bir diniň gadagan etmedik zadyny dini döwletiň gadagan edip bilmejekdigini görkezýär.

Dinde etmäniň bilen sogaby, edeniň bilenem günäsi ýok işlere **mubah işler** diýilýär. Dini göz bilen seredende, gaty gitse mubah saýyp boljak Täze ýyl gününe, hut biziň ýaly ýaly resmi ýagdaýda garşylaýan dünýewi, demokratik döwletde **«haram»** ýarlygyny ýelmemäge synanyşýan bolar-bolgusyz mollasumaklaryň aramyzda seýregrägem bolsa tapylyp durýanlygyna teý düşünmek kyn…

Ýylyň ilkinji günlerine gadam basanymyzda, düýnümiz, şu günümiz baradaky edilen realistik belliklere menem goşulýaryn, ýöne gelejegimize umyt baglap ýagşy arzuw-hyýallarda bolmak hem erbet bolmasa gerek.

Biz indi çaltlyk döwründe ýaşaýarys. Belli bir wagta we belli bir ýere bolan garaşlylyk çaltlyk bilen barha we barha azalýar. Bu çylşyrymly ýagdaýda, gohy-galmagaly ýetik durmuşda biziň hemmämize, alaçsyz galan adam ogluna durmuşyny bütinleý özgerdip taşlajak aýgytlaýjy pursatlar gerek. Hususanam öňümizdäki ýyllara göz aýlanymyzda, birgiden etsem-petsemlerimiz, öňi-ardy gelmez bolsadylarymyz, amala aşyrmak isleýän işlerimiz bar. Olaryň üstünde birin-birin durup geçmek her hili ýagdaýda peýdaly bolar diýip hasap edýäris. Sebäp diýseň käte biz durmuşdaky käbir zatlary obsessiw ýagdaýa getirip bilýäris. Sekiz milliard adamyň ýaşaýan dünýäsinde

käte bir adam (ýaman ýeri köplenç muňa mynasyp däl kişiler) biziň üçin obsessiw adama öwrülip bilýär, soňam şol bir adamyň dünýäsinden çykyp bilmän çyrpynyp ýörüs.
Bu Täze ýylda-da hemmeler durmuşyna şowlulyk getirjek işleri meýilleşdirsin-dä, hernä. Ynanyň, biziň bu meýilleşdiren işlerimizi amala aşyrmak üçin öňümizde hiç hili päsgelçilik ýok. Diňe özümizden başga…

Has TÜRKMEN. Hekaýalar